**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана
Central Bank of Turkmenistan

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК
# BANKING BULLETIN

**2026-njy ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna**
на 1 июня 2026 года
as of June 1, 2026

**Aşgabat 2026**

# Mazmuny / Содержание / Content


## HABARLAR / НОВОСТИ / NEWS

**«BANK ULGAMYNDA IŞGÄRLER SYÝASATY» ATLY OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI** — 3

**«BANK AUDITI» ATLY OKUW MASLAHATY GEÇIRILDI** — 3

**«BANK GÖZEGÇILIGI» ATLY OKUW MASLAHATY GEÇIRILDI** — 4

## SELJERIŞ MAKALALARY
## АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ / ANALYTICAL ARTICLES

**MILLI ŞAÝ-SEPLER HALKYMYZYŇ MEDENI MIRASY** — 5

**BANK HYZMATLARYNY KÄMILLEŞDIRMEGIŇ INNOWASION USULLARY** — 8

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY
## АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ / ANALYTICAL MATERIALS

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
DEVELOPMENT TRENDS OF THE BANKING SYSTEM OF TURKMENISTAN — 13

**TABLISALAR** / ТАБЛИЦЫ / TABLES — 15

# «BANK ULGAMYNDA IŞGÄRLER SYÝASATY» ATLY OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň maý aýynda Awaza milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde hem-de Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Türkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde banklaryň Işgärler bilen işlemek bölümleriniň hünärmenleri üçin «Bank ulgamynda işgärler syýasaty» atly hünäri ýokarlandyryş okuw maslahatlary geçirildi.

2026-njy ýylyň 4-8-nji maýy aralygynda Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde geçirilen okuw maslahatynda işde işgär bilen ýüze çykan meseleleriň hukuk taýdan çözülişi, olary kadalaşdyryjy hukuknamalar, rugsatlaryň görnüşleri we olary bermegiň tertibi, banklarda resminamalary arhiwe taýýarlamagyň düzgünleri, banklarda işgärler syýasaty we işgärleri işe kabul etmegiň düzgünleri, işgärlere temmi çärelerini ulanmagyň we olary işden boşatmagyň düzgünleri, işgärler bilen zähmet şertnamasyny hem-de zähmet ylalaşygyny baglaşmagyň düzgünleri, estetika – özüňi alyp barmagyň medeniýeti, ýolbaşçy bilen işgäriň arasyndaky işjeň gatnaşyklar, Türkmenistanyň Zähmet kodeksi we oňa girizilen täzelikler, işgärler syýasaty boýunça hasabatlar, işgärleriň wezipe sanawynyň taýýarlanyş we tassyklanyş düzgünleri, işgärleriň şahsy jildini we zähmet depderçesini ýöretmegiň tertibi barada giňişleýin gürrüň berildi.

Mundan başga-da ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ýolbaşçy we jogapkärli wezipelere hödürlenen dalaşgärleri söhbetdeşlikden geçirmegiň düzgünleri we talaplary, ykdysady okuwlaryň gurnalyşy, buýruklar we olaryň resmileşdirilişi, banklarda iş önümçiliginiň ýöredilişi we banklarda işgärleriň eýeleýän wezipesine laýyklygyny kesgitlemek boýunça hünär synagynyň geçirilişi barada çykyşlar diňlenildi hem-de bu ugurda gyzyklandyrýan soraglar boýunça bank wekilleri özara pikir alyşdylar.

2026-njy ýylyň 11-15-nji maýy aralygynda «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde geçirilen okuw maslahatynda bolsa rugsatlaryň görnüşleri, olary bermegiň tertibi we şertleri, wezipe sanawyny düzmegiň tertibi, wezipe sanawy tassyklanandan soň oňa düzedişleri girizmegiň düzgünleri, işgärleriň şahsy jildini we zähmet depderçesini ýöretmegiň tertibi, buýruklar we olaryň resmileşdirilişi, estetika – özüňi alyp barmagyň medeniýeti, işgärleriň eýeleýän wezipesine laýyklygyny kesgitlemek boýunça hünär synagynyň geçirilişi, ykdysady okuwlaryň guralyşy, ýurdumyzyň banklarynda işgärler syýasaty we işgärleri işe kabul etmegiň düzgünleri, işgärlere temmi çärelerini ulanmagyň we olary işden boşatmagyň hukuk esaslary, zähmet jedelleri, döwlet gullukçysynyň etikasy we estetikasy, Türkmenistanyň Zähmet kodeksi we oňa girizilen täzelikler, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Karz taryhy maglumatlar binýady boýunça karz bukjalaryny seljermek, ýurdumyzyň banklarynda iş önümçiliginiň ýöredilişi ýaly ugurlarda çykyşlar diňlenildi.

Meýilnama laýyklykda geçirilen okuw maslahatlaryna 50-ä golaý bank işgäri gatnaşdy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# «BANK AUDITI» ATLY OKUW MASLAHATY GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 25-29-njy maýy aralygynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň welaýat şahamçalarynyň Bank gözegçiligi bölümleriniň hünärmenleri, banklaryň şahamçalarynyň dolandyryjylary, dolandyryjylarynyň orunbasarlary we baş buhgalterleri üçin «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde «Bank auditi» atly hünäri ýokarlandyryş okuw maslahaty geçirildi.

Okuw maslahatynyň dowamynda auditorçilik işine ygtyýarnama bermekligiň tertibi, banklarda kassa amallarynyň auditi, täjirçilik banklarynda içerki gözegçilik auditi, auditor töwek-

gelçiligi, auditor barlagynyň netijesiniň resmileşdirilişi, täjirçilik banklarynyň aktiw amallary, auditiň gündelik hukuk soraglary, bank ulgamynda iş dolandyryşyň guralyşy, bankyň hususy maýasynyň düzümi we onuň ýerine ýetirýän wezipeleri, auditor barlagynyň usullary we subutnamalary, auditor töwekgelçiligi, auditor barlagynyň netijesiniň resmileşdirilişi, döwlet karzynyň düýp mazmuny we onuň býujetiň girdejilerini emele getirmekdäki ähmiýeti, banklarda içerki auditiň orny, banklarda içerki gözegçilik we içerki auditiň guralyşy, Türkmenistanda auditorlyk işiniň hukuk we guramaçylyk esaslary ýaly çykyşlar diňlenildi, şeýle hem bank işgärleriniň hünärini kämilleşdirmek boýunça daşary ýurt tejribeleri paýlaşyldy. Meýilnama laýyklykda geçirilen okuw maslahatyna bank ulgamynyň 20-den gowrak işgäri gatnaşdy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

## «BANK GÖZEGÇILIGI» ATLY OKUW MASLAHATY GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 25-29-njy maýy aralygynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň welaýat şahamçalarynyň Bank gözegçiligi bölümleriniň hünärmenleri, banklaryň şahamçalarynyň dolandyryjylary, dolandyryjylarynyň orunbasarlary we baş buhgalterleri üçin üçin «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde «Bank gözegçiligi» atly hünäri ýokarlandyryş okuw maslahaty geçirildi.

Okuw maslahatynyň dowamynda bankyň likwidliligini dolandyrmak, bankyň girdejileriniň we çykdajylarynyň seljermesi, şahsy taraplaryň goýumlaryny ätiýaçlandyrma bank işiniň hukuk taýdan kadalaşdyrylyşy, Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň işini düzgünleşdirýän ykdysady kadalaşdyryjylar, banklarda içerki gözegçilik ulgamyny gurnamak, täjirçilik banklarynyň içerki gözegçiligi, ýerlerde geçirilýän barlaglarda banklarda buhgalter hasabynyň alnyp barlyşynda adaty edilýän bellikler barada giňişleýin gürrüň berildi.

Bulardan başga-da geçirilen okuw maslahatynyň dowamynda bank töwekgelçiliginiň görnüşleri, banklarda amallar töwekgelçiligini dolandyrmak, karz töwekgelçiligi we ony azaltmagyň ugurlary, ýurdumyzyň bank ulgamynyň düzüm gurluşyny umumy häsiýetlendirmek, müşderileriň karz taryhlary we olary alyp barmak üçin karz registriniň işleýiş esaslary, karz taryhy býurosynyň maglumat tabşyrmagyň tertibi we aýratynlyklary ýaly ugurlary boýunça bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

Bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek boýunça kabul edilen kadalaşdyryjy hukuknamalar, müşderilere hyzmat etmegiň döwrebap usullary, bank işgärleriniň hünärini kämilleşdirmek boýunça daşary ýurt tejribelerini paýlaşmak geçirilen okuw maslahatynyň esasyny düzdi.

Meýilnama laýyklykda geçirilen okuw maslahatyna bank ulgamynyň 30-a golaý wekili gatnaşdy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# MILLI ŞAÝ-SEPLER HALKYMYZYŇ MEDENI MIRASY

Gözelligi hem nepisligi bilen dünýäni haýran galdyrýan şaý-sepler gözbaşlary müňýyllyklaryň jümmüşine siňip gidýän, adamlaryň kalbyna gözellik ylhamyny bagyşlaýan türkmen milli medeniýetiniň aýrylmaz bölegi bolup, biziň günlerimize çenli özüniň asyl görnüşinde gelip ýetipdir.

Arheologik gazuw-agtaryşlarda tapylan kümüş, altyn we nepis daşlar bilen bezelen şaýlar halkymyzyň irki döwürlerde hem zergärçilik sungatynyň ýokary derejede bolandygyny subut edýär. Goňurdepeden, Änewden, Altyndepeden, Dehistandan tapylan bezeg şaýlarynda birmeňzeşlik saklansa-da, olar gitdigiçe dürli görnüşli nusgalarda sungat derejesine ýetirilipdir. Her bir şaý-sepler diňe bir bezeg hökmünde däl, eýsem gorag, bagt getiriji, nesil dowamynyň berkararlygy ýaly manylary hem aňladýar.

Türkmen zergärleri beýleki halklaryňka meňzemeýän ajaýyp şaý-sepleri ýasamagy başarypdyrlar. Taryhy çeşmelerde, bir türkmen aýalynyň dakynýan şaý-sepleri azyndan 7-10 kilogramdan 36 kilograma çenli barabar bolupdyr. Zergärçilik sungaty diňe hünär bolmak bilen çäklenmän, eýsem durmuş zerurlygydyr, onuň öz pelsepesi, dünýägaraýşy, çeperçilik hem-de ynsanperwerlik ýörelgeleri bardyr. Ussat senetçilerimiziň sünnäläp ýasan ajaýyp eserleriniň içinde gyz-gelinleriň dakynýan şaý-sepleri dürli-dürliligi bilen tapawutlanypdyr. Olar kümüşden ýasalan, ýüzüne altyn çaýylan bilezikdir kökenli ýüzükler, gulaga dakylýan gupbalar, gülýakalar, apbasylar, çapraz-çaňňalar, bukawlar, tumarlar, maňlaýlyklar we şm. Mundan başga-da ajaýyp heýkelleri hem altyndan we kümüşden ýasapdyrlar.





Bu günki gün milli şaý-sepler halkymyzyň medeni mirasynyň möhüm bölegi bolup, toý dabaralarynda, baýramçylyklarda giňden ulanylýar. Şeýle hem, häzirki döwürde olaryň döwrebap görnüşleri döredilip, ýaşlaryň gündelik bezegleriniň bir bölegine öwrüldi.

Ýurdumyzda gymmat bahaly metallaryň hem-de gymmat bahaly daşlaryň çig mal, bölekler we taýýar önümler görnüşinde hasaba alynmagyny, saklanmagyny hem-de gaýtadan işlenmegini Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar döwlet gaznasy üpjün edýär. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar gaznasy (mundan beýläk Gazna) Türkmenistanda gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen işleýän ýeke-täk döwlet edaradyr (Salgysy: Aşgabat şäheri, Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow şaýoly, 143-nji jaýy).

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Gazna halkymyzyň ýokary hilli zergär önümlerine bolan ähli isleglerini kanagatlandyrmak üçin hemme mümkinçilikler döredilen. Gazna bu mümkinçilikleri düzüm birligi bolan Türkmenabat şäherinde ýerleşýän «Türkmenaltyn» zawody, Aşgabat şäherinde ýerleşýän «Zümerret zergärçilik önümleri» önümçilik dükan şahamçasy we «Türkmenaltyn zergärçilik merkezi» dükan şahamçasy, Balkanabat şäherinde «Göwher-Türkmenaltyn», Mary şäherinde «Tumar-Türkmenaltyn», Türkmenabat şäherinde «Altyn-Älemi» şahamça dükanlary arkaly amala aşyrýar.

1996-njy ýylda döredilen Türkmenabatdaky «Türkmenaltyn» zawodynda zähmet çekýänleriň

köp bölegini ýokary derejeli hünärmenler, şeýle-de Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň uçurymlary düzýärler Zawodyň işe girizileni bäri kärhananyň maddy-tehniki binýadyny döwrebaplaşdyrmak, öndürilýän önümlere bildirilýän ýokary islegleri kanagatlandyrmak maksady bilen olaryň görnüşlerini artdyrmak we hilini ýokarlandyrmak ugrunda uly işler durmuşa geçirildi.

Häzirki döwürde önümçilik kärhanasynda altyndan we kümüşden zergärçilik önümleri, kümüşden milli şaý-sepleri, şeýle-de kümüşden we reňkli metallardan dürli sowgatlyk önümleri taýýarlanylýar. Şu günki günde «Türkmenaltyn» zawodynda öndürilýän önümleriň görnüşleri öz içine 3,5 müňden gowrak nusgany alýar, olaryň 1,2 müňden gowrak milli şaý-sep toplumlarydyr. Gymmatbaha we sintetiki daşlar bilen bezelen we gaş oturdylmadyk, ýüzi syrçalanan ýa-da altyn çaýylan kümüş we reňkli metallardan taýýarlanan zergärçilik önümleri özüniň ýokary hili bilen tapawutlanýar.





Öndürilýän önümleriň bezeg taslamasy işlenip taýýarlanylanda, asyrlarboýy dowam edip gelýän millilik ýörelgelerini we öňdebaryjy dünýä tejribesini, şeýle-de müşderileriň isleg-arzuwlaryny inçeden sazlaşdyrmaga uly üns berilýär. Zawotda öndürilýän ýokary hilli önümleriň görnüşleriniň üstüni sarp ediş bazarynda barha özgerýän hem-de artýan isleglerden we zergärçilik önümlerini öndürmekde toplanan dünýä tejribesinden ugur almak bilen işlenip taýýarlanylýan täze nusgalar bilen ýetirmek işine aýratyn üns berilýär.

Häzirki wagtda kärhanada önümçilik galyndylaryny gaýtadan işlemek, eýle-de kümüş we gymmatbaha däl metallardan taýýarlanan şaý-sepleriň ýüzüne galwaniki we nokatlaýyn galwaniki usullar bilen altyn, altyndan ýasalan şaý-sepleriň ýüzüne rodiý çaýmak, zergärçilik önümleriniň ýüzüni syrçalamak, dürli sowgatlyklary, döşe dakylýan nyşanlary, tarketkalary öndürmek boýunça kämil tehnologiýalar ornaşdyrylandyr. Zawoda degişli bolan ýöriteleşdirilen dükanlarda müşderileriň islegi boýunça ýörite taýýarlanan taslamalar esasynda nepis zynatlary öndürmek, şaý-sepleri bejermek we beýleki işler ýola goýlandyr.

Häzirki günde ýurdumyzyň senagatyň şu ugruna ýöriteleşdirilen ýeke-täk kärhanasynda önümçiligi ösdürmek, taýýarlanylýan önümleriň hilini we görnüşlerini artdyrmak boýunça täze mümkinçilikleri gözlemek we tapmak, bar bolan tehnologiýalary we zergär ussalaryň hünär ussatlygyny ýokarlandyrmak boýunça asylly işler dowam etdirilýär.

«Türkmenaltyn» zawodynda ýüzükdir gulakhalkalar, bilezikler, asmalar, gülýakalar, bukawlar, monjuklar, zynjyrlar, döşe dakylýan nyşanlar ýaly önümleri toplumlaýyn öndürmek bilen çäklenmän, milli sungatyň taryhy äheňlerini durkuna siňdiren nepis şaý-sepler, şeýle-de, syrçadyr tebigy daşlary peýdalanmak arkaly taýsyz owadan sowgatlyklar taýarlanylýar. Türkmen halkynyň zergärçilik sungaty ata-babalarymyzyň miras galdyran gymmatlyklarynyň iň tereň çeşmesidir. Bu

sungat milli medeniýetiň täsin genji-hazynalarynyň biridir, ol milli öwüşgini bilen bütindünýä gymmatlyklaryny has-da baýlaşdyrýar. Türkmenleriň altyn-kümüş çaýyp, ussatlyk bilen ýasan milli şaý-sepleri dünýäniň naýbaşy muzeýleriniň bezegi boldy, olar barada bütin dünýäde köp sanly ylmy işler ýazylýar, gadymyýetiň bu gymmatly hazynalaryny bäş barmagy ýaly bilýänler we oňa uly sarpa goýýanlar bolsa ýer ýüzünde iň gadymy halklaryň biri bolan türkmenleriň özboluşly we baý medeniýetiniň hem-de dünýägaraýşynyň aýrylmaz bölegi bolan şeýle täsin gudrata has içgin aralaşmak üçin ýurdumyza ýygy-ýygydan gelýärler.





Kärhanada öndürilýän ýokary hilli önümleri satuwa çykarmak boýunça bar bolan söwda nokatlarynyň sany hem yzygiderli artdyrylýar. Häzirki wagtda «Türkmenaltyn» zawodynyň ýöriteleşdirilen söwda dükanlary ýurdumyzyň Lebap, Mary we Balkan welaýatlarynda bardyr. Şu günki günde şeýle dükanlaryň bäşisinde ilata ýokary hilli hyzmatlar edilýär, olaryň ikisi paýtagtymyz Aşgabatda ýerleşýär. Aşgabat şäheriniň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýolunyň 77-nji jaýy salgysynda ýerleşýän «Türkmenaltyn zergärçilik merkezi» dükan şahamçasynda, şeýle-de Bitarap Türkmenistan şaýolunyň 141 jaýynda ýerleşýän «Zümerret zergärçilik önümleri» önümçilik dükan şahamçasynda ildeşlerimize ýokary hilli zergärçilik önümleriniň ýüzlerçe görnüşi hödürlenilýär. Türkmenabatdaky «Türkmenaltyn» zawodynyň ýöriteleşdirilen «Altyn-Älemi» şahamça dükany Türkmenabat şäherinde Bitarap Türkmenistan köçesiniň 40-njy jaýynda boýunça ýerleşýär. Mary şäherinde «Tumar-Türkmenaltyn» şahamça dükany Mollanepes köçesiniň 45-nji jaýynda ýerleşýär. Balkanabat şäherinde «Göwher-Türkmenaltyn» şahamça dükany Uzboý köçesindäki B.S.Türkmenbaşy adyndaky «Bagt köşgi» toý dabaralar merkezinde ýerleşýär.

Halkymyz üçin zergärçilik önümlerini ýörite bukletler arkaly sargyt etmek mümkinçiligi döredilen. Sargytlary Gaznanyň şahamça dükanlary kabul edýär we «Türkmenaltyn» zawodynyň üsti bilen bellenilen möhletde ýerine ýetirýär. Mundan başga-da sargytlar diňe bir kataloglaryň üsti bilen däl-de eýsem müşderileriň aýratyn öz islegine görä (eksklýuziw) zergärçilik önümlerini, Gaznanyň «Zümerret zergärçilik önümleri» önümçilik dükan şahamçasy hem ýasaýar.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar gaznasy ýurdumyzyň her bir raýatynyň islegini kanagatlandyrmak maksady bilen, internet arkaly söwda we sargyt etmek üçin gaznanyň türkmenaltyn.com.tm internet sahypasyny döretdi.

**Maral TAGANOWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar gaznasynyň
Marketing we söwdany gurnamak bölüminiň esasy hünärmeni

## SELJERIŞ MAKALALARY

# BANK HYZMATLARYNY KÄMILLEŞDIRMEGIŇ INNOWASION USULLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda giň gerimli özgertmeler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Şol özgertmeleriň esasy ugurlarynyň biri hökmünde maliýe-bank ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan öňdengörüjilikli ykdysady syýasaty netijesinde ýurdumyzda ykdysadyýetiň durnukly ösüşini üpjün etmek, sanly ykdysadyýeti ösdürmek, halkara maliýe gatnaşyklaryny giňeltmek hem-de döwrebap bank hyzmatlaryny ilata hödürlemek boýunça giň möçberli işler alnyp barylýar.

Bank işiniň yzygiderli kämilleşdirilmegi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň bäsdeşlige ukyply innowasion ösüşini üpjün etmek, dünýä ykdysady giňişligine işjeň goşulyşmak, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň derejesine ýetirmek üçin wajyp bolup durýar. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» laýyklykda milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmek, pul-karz syýasatyny yzygiderli kämilleşdirmek, ýurdumyzyň maliýe-bank ulgamynyň berk binýadyny pugtalandyrmak, bank hyzmatlarynyň hilini halkara ölçeglere görä guramak we olaryň görnüşlerini artdyrmak, milli manadyň hümmetiniň durnuklylygyny üpjün etmek öňde goýulýan esasy wezipeleriň biridir. Bu maksatnamanyň bank ulgamy üçin aýratyn ähmiýeti onuň maliýe bazarlarynyň döwrebaplaşdyrylmagy, bank hyzmatlarynyň hiliniň ýokarlandyrylmagy we sanly ykdysadyýetiň mümkinçilikleriniň giňden ornaşdyrylmagy bilen baglanyşykly strategik ugurlary öz içine alýandygy bilen şertlendirilýär. Şonuň üçin hem bank hyzmatlaryny kämilleşdirmek we diwersifikasiýalaşdyrmak döwletiň ykdysady strategiýasynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar.

Dünýä ykdysadyýetinde bolup geçýän çalt depginli özgertmeler bank ulgamynyň hem yzygiderli döwrebaplaşdyrylmagyny talap edýär. Häzirki wagtda ykdysady gatnaşyklaryň sanlylaşdyrylmagy netijesinde bank hyzmatlarynyň täze görnüşleri ýüze çykýar. Sanly ykdysadyýetiň ösmegi bilen bank hyzmatlarynyň görnüşleri ep-esli giňeldi. Mobil-bank hyzmatlary, internet-bank, elektron söwda, galtaşyksyz töleg hyzmatlary, sanly kartlar, elektron gapjyklar ýaly hyzmatlar häzirki döwrüň möhüm maliýe hyzmatlaryna öwrüldi. Şeýle hyzmatlaryň giňden ornaşdyrylmagy müşderiler üçin wagty tygşytlamaga, hyzmatlaryň tizligini ýokarlandyrmaga we ykdysady gatnaşyklaryň netijeliligini güýçlendirmäge mümkinçilik berýär. Şeýle hem sanly hyzmatlaryň ösmegi nagt däl ykdysadyýeti ösdürmäge uly itergi berýär.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda döwrüň talaby bolan, sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmak işi giň gerimde dowam edýär. Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda ylmyň we tehnikanyň iň soňky gazananlaryny, öňdebaryjy halkara tejribeleri esasynda innowasion tehnologiýalar ornaşdyrylyp, ýokary ykdysady ösüşler gazanylýar. Türkmenistanyň bank ulgamynda hem soňky ýyllarda sanly hyzmatlaryň ösüşi ýokary depginlerde dowam edýär. Ýurdumyzda bank kartlarynyň sanynyň artmagy, bankomatlaryň we terminal ulgamlarynyň giňeldilmegi, internet-bank hem-de mobil-bank hyzmatlarynyň giňden ornaşdyrylmagy bank ulgamynyň döwrebap ösüşiniň aýdyň subutnamasy bolup çykyş edýär. Häzirki günde ýurdumyzyň ilaty söwda merkezlerinde, dükanlarda, jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynda, myhmanhanalarda we beýleki hyzmat ediş nokatlarynda bank kartlary arkaly töleg geçirip bilýärler. Şeýle hem internet-bank hyzmatlary arkaly kommunal tölegleri geçirmek, internet hyzmatlary üçin töleg etmek, pul geçirmek we beýleki maliýe amallaryny ýerine ýetirmek mümkinçiligi döredildi.

Bu ýagdaý bank hyzmatlarynyň ilat üçin has elýeterli bolmagyna hem-de müşderileriň bank ulgamyna bolan ynamynyň ýokarlanmagyna oňyn täsir edýär.

Türkmenistanyň ykdysady ösüşinde bank ulgamynyň tutýan orny ýylsaýyn ýokarlanýar. Häzirki wagtda banklar diňe bir töleg hyzmatlaryny ýerine ýetirýän, maliýe serişdelerini dolandyrýan ulgam bolmak bilen çäklenmän, eýsem ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna maýa goýumlary gönükdirmek, telekeçiligi goldamak, önümçilik taslamalaryny maliýeleşdirmek ýaly möhüm ykdysady wezipeleri hem ýerine ýetirýärler. Şeýle hem maýa goýum işjeňligini artdyrýan hem-de ilatyň durmuş derejesini ýokarlandyrýan möhüm ykdysady mehanizm hökmünde çykyş edýär. Kiçi we orta telekeçiligi ösdürmekde bank karzlarynyň ähmiýeti örän uludyr. Banklar tarapyndan ýeňillikli karzlaryň berilmegi täze kärhanalaryň döredilmegine, täze iş orunlarynyň açylmagyna we içerki önümçiligiň ösdürilmegine ýardam edýär. Şeýlelikde bank ulgamy ykdysady ösüşiň möhüm hereketlendiriji güýji bolup çykyş edýär. Bu bolsa, ýurduň ykdysady ösüşiniň durnuklylygyny üpjün etmekde möhüm orun eýeleýär. Bank ulgamynyň sanlylaşdyrylmagy arkaly telekeçiler we raýatlar üçin tölegleriň, karzlaryň we beýleki maliýe hyzmatlarynyň has amatly we çalt ýerine ýetirilmegi, işewürlik gurşawynyň gowulanmagyna getirýär.

«Pul we alyş-çalyş amallarynyň meseleleri hakyndaky» Karar esasynda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimi has hem giňeldi, elektron töleg ulgamlary ösdürildi hem-de sanly ykdysadyýetiň ösüşi üçin täze mümkinçilikler döredildi. Şeýle özgertmeleriň netijesinde ilata hödürlenilýän bank hyzmatlarynyň hili ýokarlandy. Hususan-da, bank kartlarynyň üsti bilen amala aşyrylýan tölegler, mobil-bank hyzmatlary, internet-bank ulgamlary we galtaşyksyz töleg hyzmatlary ykdysady gatnaşyklaryň çaltlaşmagyna uly täsir etdi. Şeýle hem nagt däl ykdysadyýetiň ösdürilmegi ykdysady gatnaşyklaryň aç-açanlygyny üpjün edýär, salgyt gözegçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrýar we maliýe serişdeleriniň dolanyşygyny ýeňilleşdirýär.

Bank hyzmatlarynyň has kämil görnüşleriniň girizilmegi, bu ugurda daşary ýurt tejribesiniň düýpli öwrenilmegi, şeýle-de onuň milli ykdysadyýetimiziň aýratynlyklaryny göz öňünde tutulyp, ýurdumyzyň bank ulgamyna ornaşdyrylmagy bank işiniň döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirilmegine, hyzmatlaryň döwrebap görnüşleriniň döremegine, bank ulgamynyň müşderileriniň sanynyň yzygiderli artmagyna we ýurdumyzyň banklarynyň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna ýardam berýär.

**Ýurdumyz boýunça geçirilen nagt däl hasaplaşyklaryň 2015-2025-nji ýyllardaky ösüş depgini (mln.manatda)**



Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda geçirilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi yzygiderli ýokarlanýar. Ýokardaky diagrammadan görnüşi ýaly, 2015-nji ýylda ýurdumyzda geçirilen nagt däl hasaplaşyklaryň umumy möçberi bary-ýogy 9,4 mln. manat bolan bolsa, 2025-nji ýylda bu görkeziji 23 428,7 mln. manatdan hem geçdi. Şeýle uly ösüş ýurdumyzda sanly ykdysadyýetiň üstünlikli ösdürilýändiginiň aýdyň subutnamasy bolup çykyş edýär. Bu ösüş diňe bir bank hyzmatlarynyň giňelmegi bilen däl, eýsem ilatyň maliýe sowatlylygynyň ýokarlanmagy bilen hem baglanyşyklydyr. Häzirki wagtda ilat bank kartlaryny gündelik durmuşda giňden peýdalanýar. Bu bolsa ykdysady gatnaşyklaryň tizligini ýokarlandyrýar we döwrebap ykdysadyýetiň emele gelmegine şert döredýär.

Sanly tehnologiýalaryň bank ulgamyna giňden ornaşdyrylmagy banklaryň iş netijeliligini ýokarlandyrýan möhüm şertleriň biridir. Häzirki wagtda dünýä tejribesinde emeli aň tehnologiýalarynyň mümkinçilikleri giňden peýdalanylýar. Emeli aň banklara müşderileriň maliýe hereketlerini öwrenmäge, olaryň isleglerini seljermäge we şahsylaşdyrylan hyzmatlary hödürlemäge mümkinçilik berýär. Şeýle hem emeli aň tõwekgelçilikleri öňünden çaklamaga, karz syýasatyny kämilleşdirmäge, maliýe galplyklarynyň öňüni almaga hem-de müşderi hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga ýardam edýär. Emeli aň (AI) tehnologiýalaryny ulanmak müşderi hyzmatynyň hilini ýokarlandyryp, maliýe amallarynyň howpsuzlygyny üpjün edip bilýär. Bu çözgütler aşakdakylary öz içine alyp bilýär:

- internet we ykjam bank hyzmatlary arkaly gije-gündiziň dowamynda müşderi hyzmaty üçin wirtual kömekçileri (chatbots) durmuşa geçirmek;
- karz töwekgelçiligini we müşderileriň maliýe taryhyny awtomatiki bahalandyrmak, karzyň üzülmek ähtimallygyny azaltmak;
- müşderiniň sarp ediş endikleriniň derňewi esasynda şahsylaşdyrylan teklipler bermek.

Bu çözgütler bank işgärleriniň iş ýüküni azaldýar we amallaryň ýerine ýetirilmegini çaltlaşdyrýar. Şeýle hem tehnologiýanyň dogry işlemegi, maglumatlaryň takyk seljerilmegi we kiberhowpsuzlyk meselesi möhüm mesele bolup durýar. Mysal üçin, häzirki wagtda dünýäniň öňdebaryjy banklarynyň köpüsinde müşderilere onlaýn maslahat berýän sanly kömekçiler ulanylýar. Şeýle hyzmatlar müşderiler üçin amatly bolup, hyzmatlaryň tizligini ýokarlandyrýar. Bank hyzmatlarynyň diwersifikasiýalaşdyrylmagy häzirki döwrüň möhüm ykdysady ugurlarynyň biridir. Häzirki wagtda bank hyzmatlary diňe bir karz bermek ýa-da töleg geçirmek bilen çäklenmän, eýsem ätiýaçlandyryş, maýa goýum, maslahat beriş, lizing, faktoring, trast hyzmatlary hem-de ýaşyl maliýeleşdiriş ýaly täze hyzmat ugurlaryny hem öz içine alýar. Şeýle hyzmatlaryň giňeldilmegi banklaryň girdejilerini ýokarlandyrýar we ykdysady durnuklylygyny üpjün edýär. Şeýle hem müşderiler üçin täze mümkinçilikler döredilýär. Müşderiler öz serişdelerini diňe bir saklamak bilen çäklenmän, eýsem maýa goýum arkaly girdeji gazanmak mümkinçiliklerinden hem peýdalanyp bilýärler.

Bank ulgamynda blokçeýn tehnologiýasynyň peýdalanylmagy hem häzirki döwrüň möhüm ugurlarynyň biridir. Blokçeýn tehnologiýasy maglumatlaryň üýtgedilmeýän we bitewi zynjyrlarda saklanmagyna esaslanýar. Blokçeýn tehnologiýasy maglumatlaryň howpsuzlygyny üpjün edýär, maliýe amallarynyň aç-açanlygyny ýokarlandyrýar hem-de halkara pul geçirimleriniň tizligini artdyrýar. Bu tehnologiýanyň esasy aýratynlygy maglumatlaryň galplaşdyrylmagynyň öňüni almagydyr. Şeýle hem blokçeýn ulgamy arkaly ýerine ýetirilýän amallar has ygtybarly bolýar. Dünýäniň köp ýurtlarynda blokçeýn tehnologiýasy halkara pul geçirimlerinde, elektron şertnamalarda, sanly maliýe hyzmatlarynda giňden peýdalanylýar. Şeýle tehnologiýalaryň mümkinçiliklerinden peýdalanmak geljekde Türkmenistanyň bank ulgamynyň hem bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga uly goşant goşar. Şeýle hem uly maglumatlar ulgamy bolan Big Data banklara müşderileriň maliýe ýagdaýyny has takyk seljermäge mümkinçilik berýär. Bu bolsa töwek-

gelçilikleri peseldýär, hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrýar we banklaryň ykdysady taýdan has durnukly işlemegine şert döredýär.

Soňky ýyllarda FinTech kompaniýalarynyň banklar bilen hyzmatdaşlygynyň giňelmegi dünýä ykdysadyýetiniň möhüm ösüş ugurlarynyň birine öwrüldi. FinTech kompaniýalary döwrebap sanly tehnologiýalary döredip, täze maliýe hyzmatlaryny hödürleýärler. Şeýle hyzmatdaşlygyň netijesinde elektron töleg ulgamlary, onlaýn karz hyzmatlary, sanly ätiýaçlandyryş platformalary, elektron gapjyklar we beýleki döwrebap hyzmatlar döredilýär. Bu hyzmatlaryň ornaşdyrylmagy bank hyzmatlarynyň görnüşlerini giňeldýär we olaryň ilat üçin elýeterliligini ýokarlandyrýar.

Häzirki döwürde ýaşyl maliýeleşdiriş dünýä ykdysadyýetiniň möhüm ösüş ugurlarynyň biri hökmünde çykyş edýär. Ekologiýa taýdan arassa taslamalary maliýeleşdirmek, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini ösdürmek, energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalary goldamak häzirki döwrüň esasy ykdysady meseleleriniň biridir. Banklaryň Gün we ýel energiýasy ýaly taslamalara maliýe goldawyny bermegi ykdysady ösüş bilen birlikde daşky gurşawy goramaga hem uly goşant goşýar. Şeýle taslamalaryň goldanylmagy «ýaşyl ykdysadyýetiň» ösmegine şert döredýär we ekologik howpsuzlygyň üpjün edilmegine ýardam edýär.

Bank hyzmatlaryny sanlylaşdyrmak ugrunda alnyp barylýan işler diňe bir tehniki serişdeleriň täzelenmegi bilen çäklenmän, eýsem bank işgärleriniň hünär derejesiniň ýokarlandyrylmagyny, dolandyryş ulgamynyň kämilleşdirilmegi we maliýe howpsuzlygynyň ygtybarlylygyny üpjün edýän mehanizmleriň işlenip taýýarlanylmagyny hem öz içine alýar. Sanly ykdysadyýetiň giň gerime eýe bolmagy bilen baglanyşyklylykda mobil bank işi, elektron töleg ulgamlary, blokçeýn tehnologiýalary, uly maglumatlary seljerme we emeli aň ýaly innowasion çözgütleriň ornaşdyrylmagy kämilleşdirmegiň möhüm şerti hökmünde çykyş edýär, sebäbi bu tehnologiýalar hyzmatlaryň çaltlygyny, takyklygyny we durnuklylygyny üpjün edýär. Türkmenistanyň bank ulgamynda sanly hyzmatlaryň giňden ornaşdyrylmagy maliýe hyzmatlaryna bolan elýeterliligi ýokarlandyrýar. Sanly hyzmatlaryň giňden ýaýramagy ilatyň maliýe sowatlylygyny ýokarlandyrýar. Häzirki wagtda ýaşlaryň arasynda bank kartlaryny, elektron töleg ulgamlaryny we sanly hyzmatlary peýdalanmak giňden ýaýraýar. Bu bolsa geljekde sanly ykdysadyýetiň has-da ösmegine şert döredýär.

Bank ulgamynyň innowasion esasda ösdürilmegi bilen birlikde maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek meselesi hem aýratyn möhüm ähmiýete eýedir. Sanly hyzmatlaryň giňden ýaýramagy kiberhowpsuzlyk çäreleriniň güýçlendirilmegini talap edýär. Şol sebäpli biometrik howpsuzlyk ulgamlarynyň, ýagny ýüz tanamak, barmak yzy ýa-da ses arkaly tassyklama ulgamlarynyň ornaşdyrylmagy möhüm çözgütleriň biri bolup çykyş edýär. Şeýle tehnologiýalar müşderileriň maglumatlaryny ygtybarly goramaga, galplyk hadysalarynyň öňüni almaga we bank hyzmatlarynyň howpsuzlygyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Şeýle hem bank ulgamynda ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak, sanly sowatlylygy ýokarlandyrmak, halkara tejribäni öwrenmek we döwrebap infrastrukturalary döretmek geljekki ösüşiň esasy şertleriniň biridir.

Häzirki wagtda dünýä ykdysadyýetinde halkara hyzmatdaşlygynyň ähmiýeti hem ýylsaýyn ýokarlanýar. Türkmenistanyň bank ulgamynyň halkara maliýe giňişligindäki ornuny pugtalandyrmak üçin daşary ýurt banklary we halkara maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek möhüm ähmiýete eýedir. Ýurdumyzyň banklarynyň sanly hyzmatlary halkara bank ulgamlary bilen integrasiýa bolup, daşary ýurt maýadarlary we hyzmatdaşlar üçin açyk we ynamly şertleriň döredilmegine ýol açýar. Şeýle hyzmatdaşlyk täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna, halkara tejribäniň öwrenilmegine we ýurdumyzyň bank ulgamynyň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna ýardam edýär. Şeýle hem halkara hyzmatdaşlygy

daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge we ykdysady ösüşi çaltlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistanda innowasion bank çözgütleriniň we olara degişli kanunçylyk-hukuk düzgünleriniň kämilleşdirilmegi ykdysadyýetiň sanlylaşmagyna, maliýe bazarynyň durnuklylygyna netijeleri döredýär. «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2026-2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyna» laýyklykda, bu ugurda ýerine ýetirilmegi meýilleşdirilýän işleriň çäklerinde emeli aň esasynda maliýe tehnologiýalary ösdürmek we ornaşdyrmak, maliýe gurşawynyň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmek, bank hyzmatlaryny has-da kämilleşdirmek boýunça toplumlaýyn işleriň geçirilmegi meýilleşdirilýär. Bu ähmiýetli işleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi, milli ykdysadyýetimiziň ösüş depgininiň ýokarlanmagyna, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has hem gowulanmagyna, dünýä hojalygynda milli ykdysadyýetimiziň paýynyň artmagyna öz oňyn täsirini ýetirer. Sanly tehnologiýalaryň, aýratyn-da emeli aň, uly maglumatlar (Big Data), blokçeýn we biometrik howpsuzlyk ulgamlarynyň bank hyzmatlaryna integrasiýasy, maliýe amallarynyň has çalt, açyk we ygtybarly ýerine ýetirilmegine mümkinçilik berýär. Bu bolsa, banklaryň müşderiler bilen gatnaşyklaryny täze derejä çykarmaga, hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmaga hem-de dolandyryş ulgamlarynyň netijeliligini artdyrmaga ýardam edýär.

Hormatly Prezidentimiziň bank ulgamynyň durnukly ösüşine gönükdirilen öňdengörüjilikli başlangyçlary bu ugurda täze toplumlaýyn işleriň amala aşyrylmagyna giň ýol açýar. Türkmenistanyň bank ulgamynyň ösüşi ykdysadyýeti kadaly herekete getirmek bilen, ýurduň durnukly ösüşini üpjün edýär.

Ýurdumyzyň bank ulgamynyň depginli ösüşi halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini gowulandyrýar, şeýle hem ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň kämilleşdirilmegini, diwersifikasiýalaşdyrylmagyny hem-de okgunly ösüşini üpjün edýär. Munuň özi ýurdumyzyň sanly ykdysadyýete geçişi netijeli üpjün etmekde ýokary sepgitleriň ynamly özleşdirilýändigine şaýatlyk edýär. Netijede, bank hyzmatlaryny kämilleşdirmek we diwersifikasiýalaşdyrmak Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň möhüm strategik ugurlarynyň biri bolup çykyş edýär. Innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bank ulgamynyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrýar, müşderi hyzmatlarynyň hilini gowulandyrýar hem-de ykdysadyýetiň durnukly ösüşini üpjün edýär. Şeýle hem sanly ykdysadyýetiň ösmegi bilen bank hyzmatlarynyň täze görnüşleriniň döremegi halkara tejribä laýyk gelýän döwrebap maliýe ulgamyny emele getirmäge mümkinçilik berýär.

Geljekde bank ulgamynyň üstünlikli ösdürilmegi üçin sanly tehnologiýalaryň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmak, maglumat howpsuzlygyny güýçlendirmek, halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmek, maliýe hyzmatlarynyň elýeterliligini ýokarlandyrmak we ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak aýratyn möhüm ähmiýete eýe bolar. Şeýlelikde, bank ulgamynyň innowasion esasda ösdürilmegi ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň ýokarlanmagyna, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň gowulanmagyna hem-de Türkmenistanyň dünýä ykdysady giňişligindäki ornunyň pugtalanmagyna uly goşant goşar.

**Annagül NAZAROWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş
institutynyň «Bank işi» kafedrasynyň uly mugallymy

**Aýnur SAHEDOWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş
institutynyň «Bank işi» taýýarlyk ugrunyň talyby

# SELJERIŞ MAGLUMATLARY
## АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ
## ANALYTICAL MATERIALS

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
## Тенденции развития банковской системы Туркменистана
## Development trends of the banking system of Turkmenistan

### 2026-njy ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2026 года

Information on the number of branches of the credit institutions of Turkmenistan as of June 1, 2026




### 2026-njy ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2026 года

Information on the number of agencies of the credit institutions of Turkmenistan as of June 1, 2026




### 2026-njy ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 июня 2026 года

Number of the exchange bureaus of the credit institutions of Turkmenistan as of June 1, 2026




### Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)

Структура активов кредитных учреждений, (в %)

Structure of assets of the credit institutions (in %)



№5
2026

TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY
Центральный банк Туркменистана
Central bank of Turkmenistan

## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)
Structure of liabilities of the credit institutions(in %)




## 2026-njy ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 июня 2026 года
Authorized capital size as of 1 June 2026




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Средства на расчетных, текущих счетах и депозтах предприятий, организаций и населения по срокам их размещения (в млн манат)

Funds on the settlement, current, deposit accounts of the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## Karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)

Undrawn credit amounts in national currency of the credits issued to the enterprises, organizations and households, by the forms of the ownership (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн ман)

Distribution of balances of credits with the credit institutions provided to the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## 2026-njy ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 июня 2026 года (указатели округлены)

Information on the bank cards registered in the bank system of Turkmenistan as of 1 June 2026 (rounded-off)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана
Key performance indicators of credit institutions in Turkmenistan

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ/INDICATORS | ölçeg birligi<br>ед. измер.<br>measure unit | 01.06.2025 | 01.01.2026 | 01.06.2026 | 01.06.2026<br>01.01.2026-e,<br>%-de | 01.06.2026<br>01.06.2025-e,<br>%-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения<br>Registered credit institutions | sany<br>количество<br>number | **11** | **11** | **11** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda/в том числе/ including: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие<br>- state-commercial | sany<br>количество<br>number | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие<br>- joint-stock commercial | sany<br>количество<br>number | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков<br>- branches of foreign banks | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития<br>- State Development Bank | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Türkmen maýa goýum kompaniýasy<br>- Туркменская инвестиционная компания<br>- Turkmen Investment Company | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений<br>Number of branches of credit institutions | sany<br>количество<br>number | **149** | **149** | **149** | *100,0* | *100,0* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями<br>Number of accounts opened by clients serviced by credit institutions | sany<br>количество<br>number | * | **8 510 622** | * | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений<br>Number of employees of credit institutions | sany<br>количество<br>number | * | **8 507,50** | * | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений<br>Actually formed authorized capital of credit institutions | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **7 511,70** | **7 743,11** | **7 823,02** | *101,0* | *104,1* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте)<br>Balances on correspondent accounts of credit institutions in the Central Bank of Turkmenistan (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **13 251,00** | **15 255,59** | **10 993,67** | *72,1* | *83,0* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению<br>The balance of credits of credit institutions of Turkmenistan in national currency, provided to enterprises, organizations, and the population | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **89 774,15** | **98 556,69** | **100 198,58** | *101,7* | *111,6* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте)<br>Funds at settlement, current accounts and deposits of enterprises, organizations and individuals in credit institutions (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **35 814,84** | **38 461,00** | **33 448,14** | *87,0* | *93,4* |

***Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy***
*Подготовлено Научно-производственным советом /Prepared by the Research Council*

## 2026-njy ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2026 г.
Information on the number of branches of credit institutions of Turkmenistan as of June 1, 2026

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов<br>Number of brances | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Arkadag<br>Аркадаг<br>Arkadag | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky**<br>Государственный банк внешнеэкономической деятельности Туркменистана<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **3** | 2 | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **52** | 1 | 1 | 8 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **22** | 7 | 1 | 3 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **22** | 4 | | 1 | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **32** | 7 | 1 | 4 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **14** | 2 | 1 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» / JSCB «Rysgal» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **149** | **23** | **4** | **17** | **24** | **21** | **32** | **28** |

## 2026-njy ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июня 2026 г.
Information on the number of credit institutions agencies of Turkmenistan as of June 1, 2026

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Gulluklaryň sany<br>Количество агентств<br>Number of agencies | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky**<br>Государственный банк внешнеэкономической деятельности Туркменистана<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **2** | | | 1 | 1 | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **7** | | | 1 | 1 | 4 | 1 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **1** | 1 | | | | | |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **1** | 1 | | | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **6** | | 1 | 1 | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ/ Turkmen-Turk JSCB | **7** | 2 | | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **25** | **4** | **1** | **4** | **4** | **10** | **2** |

## 2026-njy ýylyň 1-nji iýun ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
